# Koronawirusa şu göz bilenem seredip gördüñizmi?

Category: Kitapcy,Oýlanmalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Koronawirusa şu göz bilenem seredip gördüñizmi? KORONAWIRUSA ŞU GÖZ BILENEM SEREDIP GÖRDÜÑIZMI?

Dört adamlyk maşgala…
Pensioner ata-ene 65 ýaşdan ýokary bolandygy sebäpli öýlerinde karantin astynda.
Biri gyz, beýlekisi oglan – iki çagalary-da olar bilen bile bir öýde.
Ogly bir iş bilen daşary ýurda gidip-gelende nähoşluk tapynypdyr. Ilkibada diñe burnunyñ akýandygyna garamazdan, öýe barmanka hassahanalaryñ birine ýüz tutýar. Lukman wirus simptomlarynda koronawirus alamatlarynyñ ýokdugyny aýdyp, ony öýüne goýberýär. Ýöne ol gözegçilik barlagynyñ geçirilmegini talap edip aýak diräp duransoñ, bu gezek oña "Kowid-19"-a garşy ulanylýan dermanlar berilýär we “öýde iki hepdeläp karantinde otur, eger ýagdaýyñ ýaramazlaşaýsa bize habar et. Sosial aralygy saklamagy we izolýasiýany ýatdan çykarma” diýilýär. Näsag “Eger birden mendr kowid-19-yñ alamatlary çykaýsa garry ene-atama ýokuşduryp bilmen. Sebäbi öý şertlerinde hernäçe saglyk-gigiena we aralyk kadalaryny berjaý etsegem, wirisyñ olara ýokuşmazlygy mümkin däl. Haýyş edýärin, meni bir ýerde saklañ ýa-da karantin merkezi hökmünde ulanylýan ýere ugradyñ. On dört günlük möhletimi şol ýerde geçireýin” diýse-de, oña bular ýaly "hezilligiñ" ýokdugyny aýdyp, sözüni diñlemeýärler.

★★★

Mejbury ýagdaýda dolanan öýünde gorkany başyna inýär we maşgalanyñ beýleki üç agzasy gysga wagtyñ içinde nähoşlaýar. Oglanyñ çagyryşy bilen gelen "Tiz kömegiñ" lukmanlary olara

barlag geçirip görýärler. Ilkinji testleriñ çapraz netijeler berendigine garamazdan, ahyrynda olaryñ hemmesine kowid-19 ýolugandygy belli bolýar. Saglyk ýagdaýy agyrlaşan öýüñ ýaşulysy bolsa reanimasiýa düşýär.

★★★

Teleýaýlymlarda her gün agşam, koronawirus boýunda gündelik hasabatlar berilýär.
Geçirilen gözegçilik barlaglary, anyklanylan koronawirus alamatlary, aradan çykanlaryñ we saglygy düzelşenleriñ sany köpçülige ýetirilip dur. Olaryñ arasynda kliniki taýdan kowid-19-yñ alamatlary tapylanam bolsa, test netijenasynyñ çykmagyna garaşyp durka ýogalanlar koronawirus keselinden ölenleri depin edilişi ýaly jaýlanylýar. Emma olaryñ ölüm kesgitlemesine "kowid-19" goýulman, “adaty ölüm” ýa-da “pnomaniýa” ýazylýar.
Düýn bu keselden 125 adam ýogaldy.
Teleýaýlymlaryñ spikerleri bu şum habaryñ jikme-jikliklerini öñki günlerdäki ýaly iki minutda aýdanlarynda “Şu gün ölenleriñ sany şunça…” diýýärler-de geçip gidýärler…
Her gün agşam şeýdýärler. Sanlary aýdanlaryndan soñ, başga habara geçýärler…

★★★

Eýsem şol sanlaryñ añyrsynda nähili dramatiki wakalar, nähili tragediýalar, bagtly durmuşda ýaşap ýörkäler garaşylmadyk ýagdaýda depelerinden garabasma inen ýaly bolup, sanlyja günde soñlanan negözel ömürler, çagalaryny iñ soñky deminde görüp bilmän, iñ bolmanda telefon üsti bilenem bolsa hoşlaşyp bilmän gözlerini ýuman ene-atalar, ýanýoldaşlar, ezizler, dostlar, tanyşlar, ýakyn hossary bolmandygy zerarly meýdine häkimlik eýe çykan birgiden ýeke ýaşaýanlar bar.
Näçe ýyl bäri indiki ýyl gideris diýlip gelinen gezelenç planlary, şunça ýyllyk ömründe belki-de biribji gezek Gün şöhlesinin astynda aýagyny uzadyp, mawy alyslyklara gol bulamak umydy bilen bolsady ekilen dynç alyş rezerwasiýalary

bar…
Ömri päsgelçilikleri aşmak bilen geçen, indi bir agzy aşa ýetende uludan bir dem alyp "Owf" diýjek wagty soñlanan şowsuz ömürler bar…
Edil türk şekillendiriş sungatynyñ dünýä derejesinde tanalýan wekili Fikret Muallanyñ liseýde okap ýörkä, ýatymlaýyn okuwda ispan dümewine ýolugup öýüne getiren wirusyndan aradan çykan ejesiniñ yzyndan tä ömri ötýänçä çeken wyždan azabyna meñzeş wyždan azaplary bar…
Maña hat ýazan bir okyjymyñ “Eger gitmäge karantin merkezi bolmasa, mendäki wirus sebäpli ejem ýa-da kakam aradan çyksa, men bu wyždan azaby bilen nädip ýaşaryn?” diýen soraglary bar…

★★★

Hemişe-de tekrarlap gelşim ýaly, biziñ koronawirusa garşy göreşde hökmany suratda ýeñiş gazanjakdygymyza şek-şübhe bolup bilmez.
Umydymyzy birjigem ýitirmän, gaýtam her geçen gün öñkümizden hasam güýçleneris.
Ýöne meniñ ýaly pikir ýöredýänler bu söweşde wepat bolan janlarymyzdan ýönekeý görkeziji "san" ýaly söz açyp geçäýmez!..

Ugur DÜNDAR.

18.04.2020 ý, "Sözcü" gazeti.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniñ talyby. Oýlanmalar